TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

O. Nurgeldiýew

Obýekte gönükdirilen programmirleme

Hünär: Maglumatlary işläp taýýarlamagyň we dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamlary

Aşgabat 2010 ý.

GIRIŞ

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde geljegimiz bolan ýaşlaryň dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän derejede bilim almagy üçin ähli işler edilýär.

Hormatly Prezidentimiz döwlet başyna geçen ilkinji gününden bilime, ylma giň ýol açdy, Türkmenistan ýurdumyzda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça düýpli özgertmeler geçirmäge girişdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» 2007-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky Permany bilim ulgamyndaky düýpli özgertmeleriň başyny başlady.

Häzirki wagtda milli bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we terbiýelenmegine, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär.

Häzirki wagtda kompýuterler önümçiliginiň islendik pudagynda giňden ýaýrandyr. Şonuň üçin hem hasaplaýyş tehnikasy bilen tanyşlyk talyplaryň haýsy hünär boýunça bilim alýanlygyna garamazdan öwrenilýär.

Şu dersiň özi ýöriteleşdirilen bolup, kompýuter tehnikasy bilen işlemekde has ussat bolmaly hünärmenler üçin niýetlenen.

Dersi okatmagyň maksady – Bu dersde häzirki döwürde has giňden ýaýran Delphi ulgamynda programma ýazmaklyga seredilýär. Delphi ulgamy Windows-da işleýän programma önümlerini döretmeklige mümkinçilik berýär. Bu ulgam önümçilikde ýüze çykýan meseleleriň islendigini kompýuteriň kömegi bilen çözmeklige mümkinçilik berýär. Bu ulgamda köp sanly taýýar komponentleriň bar bolmagy, programmany has çalt çözmeklige mýmkinçilik döredýär. Häzirki wagtda giňden ulanylýan programma önümleriniň köpüsi Delphi ulgamynda

taýýarlanandyr. Delphi ulgamy öz düzüminde assembler kodlaryny hem ulanyp bilýär. Munuň ozi bolsa onuň mümkinçiliklerini has-da giňeldýär.

Häzirki wagtda Döwletimizde yglan edilen beýik galkynyşlar döwründe halk hojalygynyň hemme pudaklarynda dürli döwrebap, çylşyrymly gurluşlar satyn alnýar we giňden ornaşdyrylýär. Ol gurluşlar bolsa mikroprosessorlaryň kömegi bilen öňden taýýarlanan programmalaryň esasynda dolandyrylýar. Ol gurluşlaryň işleýşine önat düşünmek üçin, täzeçe dolandyrmak üçin Delphi ulgamyny bilmeklik orän zerurdyr.

Delphi sistemasynyň prinsipi we esasy düşünjeleri

Obýekt PASCAL algoritmik dili häzirki döwürde personal kompýuterlerde iň bir ýörgünli dilleriň biridir. Bu dil 1971-nji ýylda şweýsar professory Niklaus Wirt tarapyndan işlenip düzülýär we onda esasan strukturalaýyn programmirlemeklige uly üns berilýär. Diliň ady XVII-nji asyrda ýaşap geçen beýik fransuz filosofy, matematigi Blez Paskalyň hatyrasyna dakylýar(B.Paskal 1623-1662).

1980-nji ýylda personal (kiçi) kompýuterler üçin MS-PASCAL, PASCAL, PASCAL-80 translýatorlarynyň döredilmegi bilen PASCAL, OBJECT-PASCAL ýokary derejeli ylmy algoritmik dil hökmünde öz ornuny hasda berkitdi. Häzirki döwürde OBJECT-PASCAL dili islendik personal kompýuterlerde ulanylýan iň kämil programmirleýiş dilleriniň biri hasaplanylýar.

PASCAL diliniň esasy simwollary. Kömekçi sözler.

OBJECT -PASCAL diliniň elipbiýi aşakdaky simwollardan, kömekçi sözlerden we belgilerden durýar:

1) Latyn elipbiýiniň uly we kiçi harplary:
   A,B,C,…, X,Y,Z;
   a,b,c,… x,y,z;
2) Onluk hasaplaýyş sistemasynyň sanlary: 0,1,2,… ,9
3) Arifmetiki amallaryň belgileri:

+(goşmak), -(aýyrmak), *(köpeltmek), /(bölmek), Div(bitin sanlary bölmek bilen taşlamak), mod(bitin sanlarda bölmek bilen galyndyny kesgitlemek). Görkezilen amallar bitin san köplüginde ýerine ýetirilmek bilen degişlilikde paýy we galyndyny kesgitleýär.

Meselem:

20 div 3 = 3; 16 div 3 = 5; 25 div 4 = 6;
13 mod 5 = 3; 24 mod 5 =4; 12 mod 3 =0;

4) Gatnaşyk belgileri:

>(uly), >=(uly we deň), <(kiçi), <=(kiçi we deň), =(deň), <>(deň däl).

5) Logiki amallaryň belgileri:

not(inkär etmek), or(dizýunksiýa-logiki goşmak), and(konýunksiýa-logiki köpeltmek)

6) Eýe bolmak operatorynyň belgisi :=

7) Bir-biriniň yzyndan gelýän iki gurluşyň arasyny aýyrmak üçin ulanylýan belgiler: .(nokat); ,(otur); :(goşa nokat); ;(nokatly otur);

8) Beýleki ýörite belgiler: ‘(apostrof), ()(açylýan we ýapylýan ýay), [ ](kwadrat ýaý), !(ýüzlenme belgisi), ?(sorag belgisi), %(prosent), (boş öýjük we ş.m.

OBJECT-PASCAL algoritmik dilinde programmany ýazmak üçin aşakdaky kömekçi sözlerden peýdalanýarlar:

KÖMEKÇI SÖZLER	MANYSY
ARRAY	MASSIW
BEGIN	BAŞLANGYÇ
CASE	WARIANT,SAÝLAW
CONST	HEMIŞELIK
DO	ÝERINE ÝETIRMEK
DOWNTO	KEMELTMEK
ELSE	ÝOGSAM
END	SOŇY

FILE	FAÝL
FOR	ÜÇIN
FUNCTION	FUNKSIÝA
GOTO	GEÇMEK
IF	EGER
IN	DEGIŞLI
LABEL	BELGI
NUL	HIÇ ZAT
OF	-DAN, -DEN GOŞULMASY
PACKED	GAPLANAN
PROCEDURE	PROSEDURA
PROGRAM	PROGRAMMA
RECORD	ÝAZGY
REPEAT	GAÝTALAMAK
SET	KÖPLÜK
THEN	ONDA
WHILE	ENTEK
WITH	BILEN

Pascal dilinde jemi hasaplamak üçin programma:

```
uses crt;
Label 2;
Var S,ak, eps: real; k: longint;
Begin
clrscr;
S:=0; K:=1; eps:=1E-04;
2: ak:=(2*(K+1))/(2*K*(K+1));
{writeln('k=',k,'    ak=',ak,'  maydalawjy=',2*k*(k+1));}
S:=S+ak; K:=K+1;
if abs(ak)>EPS then goto 2;
Writeln ('s=', s:8:3,'   K=',K);
End.
{-----------------------------------------------------}
```

Berlen n natural sana çenli bar bolan ýönekeý sanlary tapmaklygyň programmasy. Netije Ys.txt faýla ýazylmaly:

```
uses crt;
var
  i,n,k:longint;
  t: text;
{-------------------------------------------------}
function ys(k:longint):boolean;
var
  i : integer;
begin
for i:=2 to round(sqrt(k)) do
if k mod i = 0 then begin ys:=false; exit; end;
ys:=true;
end;
{-------------------------------------------------}
begin
clrscr;
assign(t,'Ys.txt'); rewrite(t);
write('N='); read(n);
k:=2;  write(t,2,#9,3,#9);
for i:=4 to n do
begin
 if i mod 3 = 0 then continue;
 if ys(i) then begin
     if k mod 8=0 then writeln(t);
     inc(k); write(t,i,#9);
     end;
end;
close(t);
end.
```

```
{Perhat, lunka 27.01.2006(5)}
uses crt;
```

```
var i,j,r,n,m: integer;
   l: array [1..7] of 0..2;
   b: boolean;
{------------------------------}
procedure cap;
var i:integer;
begin
for i:= 1 to 7 do
write(l[i]:2);
writeln;
end;
{------------------------------}
procedure barlag;
var i:integer;
begin
if (l[1]=2) and(l[2]=2) and (l[3]=2) then begin readkey; halt;
end;
end;
{------------------------------}
procedure nol;
var i,j,n,m: integer;
begin
j:=0;
repeat
for i:= 1 to r do
if l[i]=0 then begin n:=i; break; end;
if l[n-1]=2 then begin
                 m:=l[n-1];
                 l[n-1]:=l[n];
                 l[n]:=m;
               end;
cap;
readkey;
until (l[n-1]=1);
end;
```

```
{------------------------------}
procedure orun;
var k,w: integer;
begin
repeat
for i:= 1 to r do
if l[i]=0 then begin n:=i; break; end;
if b=true then begin
                if l[n-1]=1 then begin
                                k:=l[n-1];
                                l[n-1]:=l[n];
                                l[n]:=k;
                                end;
                b:=false;
              end
          else begin if l[n+2]=2 then begin
                                k:=l[n+2];
                                l[n+2]:=l[n];
                                l[n]:=k;
                                end;
              b:=true;
              end;
cap;
readkey;
until l[r]=1;
end;
{------------------------------}
begin
clrscr;
b:=true;
      l[1]:=1; l[2]:=1; l[3]:=1; l[4]:=0; l[5]:=2; l[6]:=2; l[7]:=2;
cap;
r:=8;
repeat
dec(r);
```

```
orun;
barlag;
nol;
b:=true;
until r=5;
readkey;
end.
```

Obýekt pascal diliniň esaslary

Ulanyjy tarapyndan ýazylan programma ýerine ýetirilýän wagtynda öz bahasyny üýtgetmeýän ululyklara hemişelikler diýilýär. OBJECT-PASCAL algoritmik dilinde hemişelikleri aşakdakytoparlara bölmek mümkin:

1) san hemişelikleri
2) liter hemişelikleri
3) setir hemişelikleri
4) logiki hemişelikler

San hemişelikleri iki görnüşde bolup bilýär:

a) bitin san hemişelikleri
b) hakyky san hemişelikleri

Bitin san hemişeliklerиniň tipi INTEGER, hakyky san hemişelikleri bolsa REAL görnüşinde bellenilýär. Meselem, OBJECT PASCAL dilinde bitin san hemişelikleri 23, 2001, -97, -465 we ş. m. ýaly ýazmak bolýar. Bitin san hemişelikleri (-32768, 32767) san aralykda çäklendirilýär.

Hakyky sanlar kompýuteriň ýadynda ýakynlaşan, ýagny käbir takyklyk bilen ýazylýar. Meselem: 21.0, 21.000001, 20.999999 sanlaryň ählisi hakyky tipde berlen 21-i aňladýar. Hakyky sanlary iki görnüşde ýazyp bolýar:

1) fiksirlenen nokat arkaly; 2) Üýtgeýän nokat arkaly

Meselem 0.161, -19.74, -4.0 we 141.69 sanlar fiksirlenen nokat arkaly ýazylandyr. Programmada ulanylýan absolýut ululygy boýunça has kiçi we has uly sanlar üýtgeýän nokat arkaly aňladylýar. Meselem 0.00075 hakyky sany üýtgeýäň nokat arkaly 75E-05, 7.5E-04, 0.75E03 we ş.m. görnüşinde ýazmak

mümkündir. Hakyky san hemişelikleri absolýut ululygy boýunça (10^{-38}, 10^{38}) aralykda çaklendirilendir. Diliň elipbiýine girýän diňe bir sany simwoldan ybarat bolan ululyga liter hemişeligi diýilýär. Liter hemişeliklerini “ ′ “ apostrof belgisiniň arasynda ýazylýar. Meselem ‘L’ , ’*’ , ‘C’ , ‘8’ , ‘ ‘ we .ş.m. liter hemişelikleridir. Liter hemişelikleriň tipi CHAR görnüşde ýazylýar. OBJECT-PASCAL dilinde iki sany logiki hemişelik ulanylýar:

1) TRUE (çyn); 2) FALSE (ýalan).

Logiki hemişelikleriň tipi BOOLEAN görnüşde bellenilýär. Setir hemişeligi diýip diliň elipbiýine girýän harplaryň, sanlaryň we beýleki simwollaryň toplumyna aýdylýar. Setir hemişeligi hem apostrof belgisiniň içinde ýazylýar. Meselem: ‘Y=’, ‘NETIJE’, ‘JEM’ we ş.m. setir hemişeliklerine mysaldyr. OBJECT-PASCAL dilinde setir hemişeliginiň tipi STRING görnüşde ýazylýar. Setirdäki ähli simwollaryň sanyna setir hemişeliginiň uzynlygy diýilýär. Uzynlygy diňe 1-e deň bolan setir hemişeligine liter hemişeligi hökmünde seretmek mümkindir.

Üýtgeýän ululyklar

Kompýuterde programma ýerine ýetirilýän mahalynda öz bahasyny üýtgedip bilýän ululyklara üýtgeýän ululyk diýilýär. Üýtgeýän ululyklary atlandyrmak üçin ulanylýan belgilere bolsa identifikatorlar diýilýär. Identifikator üýtgeýän ululyga berilýän bahanyň kompýuteriň ýadynyň haýsy öýjüginde ýerleşýändigini görkezmek üçin hyzmat edýär. Identifikator üýtgeýän ululyga berilýän bahanyň kompýuteriň ýadynyň haýsy öýjüginde ýerleşýändigini görkezmek üçin hyzmat edýär.

Identifikatoryň birinji simwoly hökman latyn harpy bolmaly we OBJECT-PASCAL-da identifikatoryň uzynlygy çäklendirilmeýär. Meselem: OBJECT-PASCALI, FTK, FIZIK, TALYP we ş.m. identifikatorlara mysal bolup biler.

Üýtgeýän ululyklaryň atlary kömekçi sözleriň hiç birine hem gabat gelmez ýaly edip saýlap almaly. OBJECT-PASCAL dilinde programmada ulanylýan hemişelikleriň, funksiýalaryň, proseduralaryň we faýllaryň atlaryna hem identifikatorlar diýilip düşünilýär. Identifikatory standart we standart däl identifikatorlara bölmek bolýar. Standart identifikatorlar diýip diliň özünde öňden kabul edilen identifikatorlara aýdylýar. Meselem:

№	standart identifikator	manysy
1	FALSE, TRUE	standart logiki hemişelikler
2	MAXINT,PI	standart san hemişelikleri
3	ABS, SQR, COS, SIN, LN, EXP, SQRT, ARCTAN, TRUNC, ROUND, PRED, SUCC, ORD, CHR, ODD, EOF, EOLN we ş.m.	standart funksiýalar
4	GET, PUT, NEW, REWRITE, READ, PACK, UNPACK, READLN, RESET, WRITE, WRITELN, PAGE we ş.m.	standart proseduralar

Standart däl identifikator diýip programmany düzýän ulanyjynyň girizýäň identifikatoryna aýdylýar. Olar programma ýazylanda, başda tipleri boýunça kesgitlenilýär. Meselem:

VAR A100, OMEGA, K : INTEGER; Y5, X10, Z : REAL;

C,T : BOOLEAN; D10 : CHAR;

Gurluşy boýunça üýtgeýän ululyklary iki topara bölmek bolýar:

1) Ýönekeý üýtgeýän ululyklar;

2) Indeksli üýtgeýän ululyklar

Ýönekeý üýtgeýän ululyklara mysallar:
X2, Y5, Z1, Q3 we ş.m.
Olar INTEGER,REAL,BOOLEAN,CHAR,…tipleriň islendigine degişli bolup bilýärler.

OBJECT PASCAL dilinde bir tipe degişli bolan birnäçe üýtgeýän ululyklary identifikatorlar arkaly hem atlandyrmak mümkin . Bu ýagdaýda üýtgeýän ululyklaryň her birine indeksli üýtgeýän ululyklar diýilýär. Indeksli üýtgeýän ululyklar bir indeksli, iki indeksli we köp indeksli bolup bilerler: Meselem:
A[6], C5[15], XY[I], B[10]-bir indeksli üýtgeýän ululyklar;
A[3,4], B[2,3], C5[I,J], D[4,4]-iki indeksli üýtgeýän ululyklar.

```
label m1;
var i,j,n,m,x,y,x2,y2: integer;
   a: array [1..8,1..8] of char;
   b,b1: boolean;
{-----------------------------------}
procedure cap;
var i,j: integer;
begin
for i:= 1 to 8 do
begin
for j:= 1 to 8 do
write(a[i,j]:2);
writeln;
end;
end;
{-----------------------------------}
procedure ferz(x,y: integer);
var i,j,k,l,x1,y1: integer;
begin
l:=x+y; k:=x-y; x1:=x; y1:=y;
for i:= 1 to 8 do
```

```
for j:= 1 to 8 do
begin
if i+j=l then a[i,j]:='1';
if i-j=k then a[i,j]:='1';
end;
for i:= 1 to 8 do
  a[i,y]:='1';
for i:= 1 to 8 do
  a[x,i]:='1';
a[x,y]:='x';
end;
{--------------------------------------}
procedure prob(var b:boolean);
var i,j,o,p: integer;
begin
b:=true;
for i:= 1 to 8 do
if a[i,y2]='0' then begin ferz(i,y2); exit; end;
b:=false;
end;
{--------------------------------------}
procedure barlag(var b:boolean);
var i,j,h: integer;
begin
h:=0; b:=true;
for i:= 1 to 8 do
for j:= 1 to 8 do
if a[i,j]='x' then inc(h);
if h<8 then b:=false;
end;
{--------------------------------------}
begin
clrscr;
x:=1; y:=1; x2:=1; y2:=1;
x2:=1; y2:=1;
```

```
m1:
for i:= 1 to 8 do
for j:= 1 to 8 do
a[i,j]:='0';
repeat
ferz(x,y);
inc(y2);
writeln;
cap;
readkey;
prob(b1);
until y2=8;
barlag(b);
if x=8 then begin readkey; halt; end;
if b=false then begin inc(x); goto m1 end;
readkey;
end.
```

Obýekt pascal diliniň esaslary

Standart funksiýalar

Köp ulanylýan elementar funksiýalaryň bahalaryny hasaplamak üçin standart funksiýalardan peýdalanylýar. Hasaplamalarda köp duş gelýän standart funksiýalar: sinx, cosx, e^x, lnx, $\sqrt{x}$, $|x|$, x^2 we ş.m.Standart funksiýalaryň bahalaryny hasaplamak üçin nietlenen programmalar kompýuteriň ýadynda saklanylýar. Olara ýüzlenmek üçin funksiýalaryň adyny ýazyp, ýaýyň içinde argumentiň bahasy görkezilýär.Trigonometrik funksiýalaryň bahalary radianlarda hasaplanylýar. Eger burç gradiuslarda berlen bolsa, onda ony aşakdaky formula boýunça radianlara öwürmeli:

radian=gradius*PI/180

Ters triganometrik funksiýalaryny hasaplamak üçin aşakdaky formulalardan peýdalanmak bolýar:

arcsin x=arctg(x/sqrt(1-x^2);
arccos x=arctg(sqrt(1-x^2)/x);
arcctg x=arctg(1/x).
Islendik esaslar logarifmik hasaplamakda bir esasdan beýleki esasa geçmek üçin
$\log_a b=\ln b/\ln a$.
formulalardan peýdalanylýar

Standart funksiýalaryň bahasy hasaplanylanda onuň argumentini ýaýyň içide ýazmaly we açylýan-ýapylýan ýaýlaryň sany deň bolmalydyr. Meselem: $\cos^2 x^2$
funksiýanyň bahasy hasaplanylanda aňlatmany
sqr(cos(sqr(x))) görnüşde ýazyp bolýar.

Tablisada beýan edilişi ýaly , TRUNC standart funksiýasy hakyky sanyň galyndy bölegini kesip taşlaýar.
Meselem:
TRUNC(-12.75)=-12 ýa-da TRUNC (46.69)=46
ROUND standart funksiýasy bolsa argumenti iň ýakyn sana çenli tegelekleyär.

Meselem:
ROUND(-9.5)=-10.0 ýa-da ROUND(35.49)=35.0 PRED we SUCC standart funksiýalary INTEGER, CHAR we BOOLEAN tipli argumentler üçin degişlilikde berlen elementiň öň ýanyndaky we yz ýanyndaky elementini kesgitleýär, Meselem:
PRED(6)=5; SUCC(9)=10 (Argument INTEGER tipe degişli bolmalydyr.);
PRED(Y)=X; SUCC(Y)=Z (argument CHAR tipe degişli bolmalydyr).

Funksiýanyň ady	Argumentiň tipi	Netijäniň tipi	Funksiýanyň manysy
ABS(X)	bitin/hakyky	argumentin-äki ýaly	X-iň absolýut bahasy
Pi	-	hakyky	Pi sanyň bahasy
SIN(X)	Hakyky	hakyky	X radian-dan alnan sinus
COS(X)	Hakyky	hakyky	X radian-dan alnan cosinus
ARCTAN(X)	Hakyky	hakyky	Xradiandan alnan arktangens
SQRT(X)	bitin/hakyky	argumentin-äki ýaly	X-dan alnan kwadrat kök
SQR(X)	bitin/hakyky	argumentin-äki ýaly	X-iň kwadraty
EXP(X)	Hakyky	hakyky	e-niň derejesindäki X
LN(X)	Hakyky	hakyky	X-iň natural logarifmi
TRUNC(X)	Hakyky	Longint	X-iň bitin bölegi
FRAC(X)	Hakyky	hakyky	X-iň drob bölegi
INT(X)	Hakyky	hakyky	X-iň bitin bölegi
ROUND(X)	-	Longint	X-i iň ýakyn bitin sana çenli tegeleklemek
RANDOM	-	hakyky	(0…1) aralykdan tötänleýin sanlar
RANDOM(X)	Word	Word	(0…X) aralykdan tötänleýin sanlar
ODD(X)	Bitin	Logiki	Eger X-iň bahasy täk bolsa nrtije TRUE

Obýekt pascal dilinde ulanylýam esasy standart funksiýalar

Standart funksiýalara pragrammanyň islendik ýerinde eýe bolmak operatorlarynyň sag tarapyndaky aňlatmadan ýüzlenip bolýar. Meselem: $Y:=a^3*SIN^2(X)$ OBJECT-PASCAL algoritmik dilinde şu aşakdaky standart funksiýa ulanylýar:

ORD we CHR standart funksiýalar bir-birine ters funksiýalar bolup, olara başgaça özgerdiji funksiýalar hem diýärler.

ORD(X) standard funksiýa X simwola degişli bolan tertip nomeri kesgitleýär. Meselem:
ORD(‘0’)=48; ORD(‘A’)=65;
ORD(‘ ‘)=32; ORD(‘B’)=66; we ş.m.
CHR(I) standart funksiýa nomer boýunça oňa degişli bolan simwoly kesgitleýär. Meselem: CHR(48)=0; CHR(65)=A we ş.m.
ODD(X) standart funksiýa X bitin sanyň jübit-täkligini kesgitleýär:

Eger x san täk bolsa, onda ODD(x) standart funksiýa ,,TRUE’’ baha eýe bolýar. Meselem: ODD(11)=TRUE; ODD(19)=TRUE
Eger x san jübit bolsa, onda ODD x standart funksiýa ,,FALSE’’ baha eýe bolýar. Mselem ODD(8)=FALSE; ODD(36)=FALSE.
ODD(x) standart logiki funksiýalara degişlidir.EOLN(x)-logiki funksiýa x-faýlda setiriň soňuny kesgitlemek üçin ulanylýar.
EOF (x)-x-faýlyň soňuny kesgitlemek üçin ulanylýar.

Aňlatmalar

OBJECT-PASCAL algaritmik dilinde aňlatmalar hemişeliklerden, ýönekeý we indeksli üýtkeýän ululyklardan, standart funksiýalrdan, amallaryň belgilerinden we ýaýlardan ybarat bolup bilerler.
Aňlatmanyň bahasy INTEGER ýa-da REAL tipe degişli bolsa, onda onuň ýaly aňlatmalar arifmetiki aňlatmalar diýilýär. Meselem: (1*25 *sin(x)+PI)/SQR(A+B)/x.
Arifmetiki aňlatmalarda amallar aşakdaky tiplerde ýerine ýetirilýär:

1) ilki ýaýyň içi ýerine ýetirilýär.
2) eger ýaý özünde ýenede bir näçe faýlary saklaýan bolsa onda hasaplama iň kiçi ýaýyň içinden başlanýar;
3) ýaýyň içinde ilki standart funksiýalaryň bahalary hasaplanylýar;

4) soňra amallar: *, /, DIW, MOD, +, -, tirtipde ýerine ýetirilýär.

OBJECT-PASCAL dilinde derejä götermek amaly LN(x) we EXP(x) standart funksiýalar arkaly aňladylýar. Meselem:

$1,6+2,75*x^{50}$ aňlatmany OBJECT-PASCAL-da

1.6+2.75*EXP(100*LN(x))

görnüşde ýazmak bolar.

Aňlatmanyň bahasy hökmünde ,,TRUE'' ýa-da ,,FALSE'' logiki hemişelikler ulanylan bolsa onda onuň ýaly aňlatmalara logiki aňlatmalar diýilýär. Iki sany arifmetiki aňlatmanyň arasynda <, >, <=, >=, =, gatnaşyk belgileriniň birden birini ulanmak bilen ýönekeý logiki aňlatmany ýazmak bolýar. Meselem:

Y1+3.95<=X2+SQR(A);

6.25+4.75<>17.75

Has çylşyrymly logiki aňlatmalar ýönekeý logiki aňlatmalardan NOT, AND, OR, XOR logiki amalar bilen tapawutlanýar. Meselem:

(B>0.85) AND (I<4.5)

Logiki amallar aşakdaky hkykatlyk tablisasy bilen kesgitlenilýär.

A	B	A AND B	A OR B	A XOR B
T	F	F	T	T
F	T	F	T	T
F	F	F	F	F
T	T	T	T	F

A	NOT A
T	F
F	T

Bu ýerde A we B islendik logiki aňlatmalar; T we F degişlilikde amallar NOT, AND, OR, XOR we OBJECT-PASCAL-da ýerine ýetirilýär. Logiki aňlatmalar programmada köplenç şertli geçiş operatorynda şert hökmünde ulanylýar.

```
var
  a : array[1..10000] of longint;
  k,n,i,j:longint;
```

```
  l : boolean;
  f : text;
begin
clrscr;
      assign(f,'ys01.txt'); rewrite(f);
write('n='); read(n);
k:=2;
a[1]:=2; a[2]:=3; write(f,a[1]:8,a[2]:8);
for i:=3 to n do
 begin{1}
 if (not odd(i)) or (i mod 3 = 0) then continue;
 l:=true;
for j:=1 to trunc(k) do
  if i mod a[j]=0 then begin l:=false; break; end;

  if l then begin inc(k); a[k]:=i; write(f,a[k]:8); end;

 end;{1}
close(f);
{for i:=1 to k do write(a[i]:8);
writeln(#10#13'k=',k);
}
readln;readln;
end
```

Maglumatlaryň täze tipini kesgitlemek

OBJECT-PASCAL algoritmik dilinde programa söz başyndan we blokdan ybarat bolýar. Blogyň soňunda ‘’ . ‘’-nokat belgisi goýulýar. Programmanyň söz başysy umumy görnüşde aşakdaky ýaly ýazylýar:

PROGRAM M<programanyň ady>;

Bu ýerde <programmanyň ady>-ulanyjy tarapyndan girizilýän islendik at.

Blok umumy ýagdaýda 6 sany bölümden ybarat bolýar:

1) Belgiler bölümi;

2) Hemişelikler bölümi;
3) Tipler bölümi;
4) Üýdegeýän ululyklar bölümi;
5) Funksiýalar we proseduralar bölümi;
6) Operatorlar bölümi.

Belgiler bölümi umumy ýagdaýda

LABEL n1,n2,…,n_k ;

gornüşde ýazylýar. Bu ýerde LABEL-bölümiň ady bolup ,,belgi'' diýen manyny aňladýar; n1,n2,…,n_k-programmada ulanylýan belgileriň sanawy. OBJECT-PASCAL algoritmik dilinde belgi hökmünde atlary we 0-dan 9999-a çenli islendik bütin polojitel sany ulanmak mümkin. Belgileriň uzynlygy 4-sandan geçmeli däl we onuň öňünde alamat goýulmaýar. Belgileriň sanawy tertip boýunça ýazmak hökman däl, ol isilendik tertipde ýazylyp biliner. Programma ýazylanda belgi bilen islendik operatoryň arasynda ,, : ‘‘-goşa nokat belgisi goýulýar. Meselem:

```
LABEL 10;
……
10:X:=X+1 ;
…….
```

Eger programmada belgi ulanylmaýan bolsa, onda bu bölüm ýazylmaýar. Hemişelikler bölümi umumy ýagdaýda

CONST a1=c1; a2=c2, ..., an=cn;

görnüşde ýazylýar. Bu ýerde CONST – bölümiň ady a1, a2, ..., an – programmada ulanylýan hemişelikleriň atlary; c1, c2, ..., cn – degişlilikde a1, a2, ..., an hemişelikleriň eýe bolýan bahalary.

Her bir hemişelik öz bahasyna eýe bolandan soň hökman ‘‘ ; ‘‘ – nokatly otur belgisi goýulmagy zerurdyr. Hemişelik bilen onuň bahasynyň arasynda ‘‘ = ‘‘ – deňdir belgisi goýulýar.

Meselem:

CONST NMIN = 1; NMAX = 100; PI = 3.141592;

Hemişelikleriň tipi olaryň eýe bolýan bahalarynyň tipleri boýunça kesgitlenilýär.

Meselem:

NMIN we NMAX - INTEGER tipe, PI bolsa REAL tipe degişlidir. Eger programmada hiç hili hemişelik girizilmedik bolsa, onda bu bölüm ýazylmaýar.

Tipler bölümi umumy ýagdayda aşakdaky ýaly ýazylýar :

TYPE T1=<tipiň mazmuny >; T2=<tipiň mazmuny>; ..., Tn=<tipiň mazmuny>;

Bu ýerde TYPE – bölümiň ady bolup "tip" diýen manymy aňladýar; T1, T2,...,

Tn – kesgitlenýän tipleriň atlary.

Meselem:

```
TYPE
        TOMUS=(IÝUN, IÝUL, AWGUST);
        MAŞGALA=(KAKA, EJE, DOGAN, JIGI);
VAR
        A: TOMUS; B=MAŞGALA;
```

Üýtgeýän ululyklar umumy ýagdaýda:

VAR X11, X12,..., X1n: T1; X21, X22,..., X2n: T2;..., Xm1, Xm2,...,Xmn: Tm

görnüşde ýazylýar. Bu ýerde VAR - bölümiň ady bolup "üýtgeýän ululyk" diýen manyny aňladýar. X1i (i=1, n) T1 tipe degişli bolan üýtgeýän ululyklaryň atlary;

X2i (i=1, n) T2 tipe degişli bolan üýtgeýän ululyklaryň atlary; Xmi (i=1,n) Tm tipe degişli bolan üýtgeýän ululyklaryň atlary.

Meselem:

```
VAR
        I, J, K: INTEGER; S, T: REAL; H: CHAR; B1,
    B2 : BOOLEAN;
```

Ýazgy I, J, K – üýtgeýän ululyklaryň diňe bitin tipe degişli bolan bahalary; S, T- üýt-

geýän ululyklaryň diňe hakyky tipe degişli bahalary; H-üýtgeýän ululygyň diňe liter tipe degişli bolan bahalary we B1, B2 – üýtgeýän ululyklaryn bolsa diňe logiki tipe degişli bolan bahalary kabul edip bilýändigini aňladýar.

Funksiýalar we proseduralar bölüminde programmada ulanylýan standart däl proseduralar beýan edilýar.Funksiyanyň sözbaşysy aşakdaky ýaly ýazylyar:

FUNCTION<funksiýanyň ady>(q1:T1; q2:T2; ...; qn:Tn): T;

Bu ýerde qi(i=1,n) formal parametler; Ti(i=1,n) degişlilikde qi(i=1,n) parametrleriň tipleri; T- funksiýanyň ýerine ýetirilmeginde alynyan netijäniň tipi . Meselem:

FACTORIAL n!-i hasaplamak üçin düzülen funksiýa bolsa, onda ony funk-
siýalar we proseduralar bölüminde

FUNCTION FACTORIAL (K:INTEGER): INTEGER;

sözbaşy görnüşde ýazylýar. Eger-de programmada prosedura ulanylýan bolsa, onda ol

PROCEDURE <proseduranyň ady> (formal parametrleriň sanawy); görnüşdäki sözba
şy bilen ýazylýar. Formal parametrleriň sanawynda giriş-çykyş parametrleri we olaryň
tipleri görkezilýär.

Meselem:

KWU- kwadrat deňlemäniň hakyky köklerini tapmagyň prosedurasy bol-
sa, onda ol funksiýalar we proseduralar bölüminde aşakdaky ýaly ýazylýar:

PROCEDURE KWU(a, b, c: REAL; VAR X1, X2: REAL);

parametrleri. Çykyş pa-
rametrleri üýtgeýän ululyk hökmünde yglan edilýär. Şonuň üçin olaryň öňünden VAR sözi goýulýar. Proseduranyň adynyň tipi kesgitlenilmeýär, sebäbi ol bu ýerde hiç hili baha eýe bolmaýar.

Operatorlar bölümi BEGIN sözi bilen başlanýar we END sözi bilen gutarýar.Bloguň ahyryny görkerzýän END sözünden soň hökman “.”- nokat belgisi goýulmaly. Bu bölüm programmanyň ýerine ýetirilýän bölümi bolup, ol arasynda “ ; “ –nokatly otur belgisi goýulýan operatorlaryň yzygiderliginden durýar. Operatorlar özleriniň gurluşy boýunça ýönekeý we strukturaly operatorlara bölünýär.

Özünde diňe bir sany operator saklaýan operatorlara ýönekeý operatorlar diýilýär. Meselem: şertsiz geçiş operatory ; eýe bolmak operatory we ş.m.

Özünde birden köp – birnäçe operatory saklaýan operatorlara strukturaly operatorlar diýilýär. Meselem: şertli geçiş operatory ; saýlaw operatory ; sikl operatory we ş.m. OBJECT-PASCAL algoritmik dilinde birnäçe operatorlary birikdirip bir operator hökmünde hem ýazmak bolýar we olara düzümli operatorlar diýilýär. Düzümli opera-tor umumy ýagdaýda

BEGIN P1; P2; ...;Pn END.

görnüşde ýazylýar. Bu ýerde P1; P2; ...;Pn – OBJECT-PASCAL diliniň islendik ope-ratory; hususy ýagdaýda

BEGIN P END ýa-da P;

Başgaça BEGIN we END sözleriň jübütine operatorlar ýaýy hem diýilýär, BEGIN – açylýan ýaýy, END – ýapylýan ýaýy aňladýar. Meselem:

BEGIN Y: =SQR(x)/2; x:=x+1 END

BEGIN K: =5; BEGIN J:=0; AK: =0 END; END

Operatorlar bölümiň özüni hem düzümli operator hökmünde seretmek mümkindir.

Object-pascal dilinde tipler

Skalýar tipler

Tip düşünjesi ähli programmirleýiş dillerinde hem esasy düşünjeleriň biri hasaplanylýar.Tip – dilinde obýektleriň kabul edip biýän bahalarynyň köplügine we şol koplükde kesgitlenen amallaryň toplumyna düşünilýär. OBJECT-

PASCAL algoritmik dilinde tipleri iki uly topara bölmek mümkin: 1) skalýar tipler; 2) strukturaly tipler. Eger obýekt diňe bir sany komponentden ybarat bolsa, onda oňa skalýar tipe degişli diýilýär. Birden köp-birnäçe komponentden ybarat bolan obýektler strukturaly tipe degişlidir.

Şkalýar tipleri hem standart we standart däl skalýar tiplere bölmek bolýar. Standart skalýar tipe INTEGER, BYTE, REAL, CHAR we BOOLEAN tipler degişlidir. Bitin tip (-32768, 32767) aralyga degişli bolan ähli bitin sanlaryň köplügi bilen kesgitlenilýär. Bitin tip

< at, ... > : INTEGER;

görnüşde yglan edilýär. Meselem:

```
VAR
 BAHA, SANAW_N : INTEGER;
 X_KOORD,                    Y_KOORD,
Z_KOORD: INTEGER;
```

Bu ýazgy BAHA, SANAW_N, X_KOORD, Y_KOORD, Z_KOORD – 5 sany üýtgeýän ululyga diňe (-32768,32767) aralykda bolan bitin bahalara eýe bolup bilýändigini aňladýar. Mysal üçin: BAHA:=4.45 eýe bolmak operatorynyň ýazylyşy nädogry. SANAW_N:=295 operator dogry ýazylan. Bitin ululyklar köplenç parametrli sikl operatorlarynda gaytalanmady gurnamak üçin we massiwiň element- lerini indekslemek üçin ulanylýar. Bitin tipdäki bahalar bilen işlenilende amallaryň netijeleri (-32768,32767) diapozonda çykmaly däl. Meselem: 3000 * 6000/3000 görnüşli aňlatmanyň bahasyny hasaplamak üçin, ony 3000*(6000/3000) görnüşinde ýazmalydyr .

BYTE(byte)-tip edil bitin tip ýaly kesgitlenilýär we oňa (0;255) aralykdaky bitin sanlar degişlidir. Bu tipdäki ululyklar üýtgeýän ululyklar bölüminde aşakdaky yaly yglan edilýär:

VAR <ady,…>:BYTE;

Meselem:

```
VAR JEM : BYTE;
MIN,MAX,INDEKS : BYTE;
```

Bu ýazgylarda JEM,MIN,MAX weINDEKS atly ululyklara diňe (0;255) aralykdaky bitin bahalary berip bolyandygyny aňladýar. Arifmetiki aňlatmalarda BYTE we INTEGER tipli ululyklaryň utgaşyp gelmegine-de rugsat edilýär.

Ähli (10^{-38}; 10^{38}) aralykdaky položitel sanlar, olara gapma-garşylyky bolan otrisatel sanlar we 0 san hakyky tipe degişli hasap edilýär. Hakyky tipe degişli bolan üýtgeýän ululyklar aşakdaky görnüşde yglan edilýär:

VAR <ady>: REAL ;

Meselem:

VAR JEM, NETIJE : REAL ;

Ýazgy JEM we NETIJE ütgeýän ululyklaryň diňe hakyky tipe degişli bolan bahalara eye bolup bilýändigini aňladýar. Arifmetiki aňlatmalarda, BYTE , INTEGER we REAL tipli ululyklaryň gelmegine hem rugsat edilýär. REAL tipli ütgeýän ululyklary massiwiň indeksi we köplügiň elementi hökmünde ulanmak bolmayar. Logiki tipe degişli bolan üýtgeýän ululyklar aşakdaky ýaly yglan edilýär:

VAR <ady> : BOOLEAN ;

Meselem:

VAR S, T : BOOLEAN ;

Ýazgy S we T üýtgeýän ululyklaryň logiki tipe degişlidigini aňladyar. Logiki tipe degişli bolan üýtgeýän ululyklar diňe “TRUE” (çyn) ýa-da “FALSE” (ýalan) bahalaryň birden-birini kabul edip bilýär. Meselem:

Eger S: = 12 < 17; we T: = 10 > 14;

Bolsa, onda S- “TRUE”, T- “FALSE” baha eýe bolyar. OBJECT-PASCAL algoritmik dilinde TRUE we FALSE standart logiki hemişelik hökmünde hem ulanylýar.

Liter tipe degişli bolan üýtgeýän ululyklar aşakdaky ýaly yglan edilýär:

VAR <ady> : CHAR ;

Meselem:

VAR HARP, SIMWOL : CHAR ;

Ýazgy HARP we SIMWOL üýtgeýän ululyklaryň diňe liter bahany kabul edip bilýändigini aňladýar.

OBJECT-PASCAL- da liter baha diýlende diliň elipbiýine girýän islendik simwola - latyn harplaryna, onluk sanlara, amallaryň belgilerine, ýörite belgilere we ş.m. düşünilýär. Meselem:

HARP: = ‘ M ‘ ;
SIMWOL : = ‘ * ‘ ;

Ýa-da

SIMWOL : = ‘ ‘ – boş öýjük we ş.m.

CHAR tipe degişli bolan üýtgeýän ululyklary arifmetiki aňlatmalarda ulanmak rugsat edilmeýär. OBJECT-PASCAL algaritmik dilinde CHAR tipe degişli bolan üýtgeýän ululyklary aşakdaky ýaly deňeşdirmek bolýar:

‘k‘ > ‘b’ – “TRUE” baha eýe, sebäbi maşyn elipbiýinde ‘k’ harpy ‘b’ – deň soň gelýär. Şoňa göräde liter ululyklaryň üstinde CHR, ORD, PRED we SUCC fuksiýany ýerine ýetirip bolýar.

OBJECT-PASCAL algoritmik dilinde ulanyjynyň özüne hem tip kesgitlemäge rugsat edilýär. Onuň ýaly tiplere standart däl tipler ýa-da ulanyjynyň tipi diýilýär. Standart däl tipleriň elementi sanalyp geçilýän we çäklendirilen tipleri bolup olarda elementleriň sany 256- dan geçmeli däl.

Standart däl skalýar tipleri girizmeklik ýazylýan programmany sadalaşdyrýar we maşynyň ýadyny tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Elementleri sanalyp geçilýän tipi aşakdaky ýaly yglan edilýär:

TYPE < tipiň ady > = (< 1- nji element, 2- nji element, … , n- nji element >) ;

VAR < ady > : < tipiň ady > ;

Meselem :

```
TYPE
    HEPDE = ( 61, 62, 63, 64, 65, 66, BAZAR);
```

FAKULTET = (FIZ, MAT, HIM, TAR, BIOL, GEOGR) ;

TOPAR = (G101, G102, G103, G104) ;

Beýle ýagdaýda onuň tipi girizilýär, emma ady kesgitlenilmeýär. Bu ýerde ýaýyň içinde ýazylan bahalara görkezilen tipe degişli bolan hemişelikler hökmünde hem seretmek bolýar. Şonuň üçin hem bu bahalar ulanylanda hemişelikler bilen işlemegiň düzgüninden ugur almaly. Elementleri sanalyp geçilýän tip tertipleşdirilen tiplere degişlidir, ýagny onyň elementlerini deňeşdirip bolýar. Meselem:

G102 < G104 – "TRUE" baha eýe, G103 < G101 bolsa "FALSE" baha eýedir. Diýmek, bu tipe degişli bolan bahalary SUCC, PRED, ORD standart funksiýalarda hem ulanyp bolýar.

Bellik: Elementleri sanalyp geçilýän tipe degişli bolan bahalary giriş – çykyş operatorlarynda ulanmak bolmaýar.

Çäklendirilen tipli üýtgeýän ululyklar aşakdaky ýaly yglan edilýär :

TYPE < tipiň ady > = m1 … m2 ;

VAR < üýt. ulul. ady > : < tipiň ady > ;

Bu ýerde m1 we m2 hemişelikler, degişlilikde berlen tipe degişli bolan ütgeýän ululyklaryň kabul edip biljek iň kiçi we uly bahalaryny görkezýärler. M1 we M2 hemişelikler REAL tipe degişli bolmaly däl, CHAR, BOOLEAN, INTEGER tipleriň isledigine degişli bolup biler. Meselem:

```
TYPE    DAY = 1.. 31 ;
        Harp = ‘ a ‘ .. ‘ e ‘ ;
VAR
        WORKING-DAYS, FREE- DAYS ;
        X1, X2 : harp ;
```

Ýazgy WORKING-DAYS, FREE-DAYS- atly üýtgeýän ululyklaryň diňe 1-den 31-e çenli aralykdaky bitin bahalara eýe bolýandygyny, X1 we X2 üýtgeýän ululyklaryň bolsa, diňe ‘ a ‘, ‘ b ‘, ‘ c ‘, ‘ d ‘ we ‘ e ‘ simwollaryň birden-birine eýe

bolýandygyny aňladýar. Köpleç çäklendirilen tip aşakdaky görnüşde yglan edilýär:

```
CONST MIN = 1; MAX = 31;
TYPE
        DAY : = MIN .. MAX ;
VAR
        WORKING- DAYS, FREE- DAYS :
DAY ;
```

Beýan edilen ýagdaýda interwalyň çäklerini çalyşmak üçin diňe hemişelikler bölümini üýtgetmek ýeterlik bolýar.

Maglumatlaryň täze tipini kesgitlemek
Strukturaly tipler barada düşünje

Strukturaly tipler skalýar tipe degişli bolan üýtgeýän ululyklaryň toplumy hökmünde kesgitlenilýär. Strukturaly tip özüniň komponentleriniň tipleri bilen häsiýetledirilýär. OBJECT-PASCAL algoritmik dilinde ulanylýan strukturaly tiplere: setir tipi; köplükleri kombinirlenen tipi; massiwleri; faýllary degişli etmek mümkin.

Diliň elipbiýine girýän simwollaryň tükenikli yzygiderligine setir hemişeligi diýilýär. Setir hemişelikleri hem edil liter hemişlikleri ýaly “ ‘ “- anastrof belgisiniň içinde ýazylýar. Meselem:

‘OBJECT-PASCALI’, ‘Y=’, ‘OBJECT-PASCAL’ we ş.m.

Baha hökmünde diňe setir hemişelikleri kabul edip bilýän üýtgeýän ululyklara setir üýtgeýän ululyklary diýilýär.

Setir tipi TYPE bölüminde STRING kömekçi sözüniň kömegi bilen yglan edilýär.

Massiw diýlende şol bir tipden bolan birnäçe üýtgeýän ululyklyklaryň top-
lumyna düşünilýär. Massiwi düzýän üýtgeýän ululyklaryň yzygiderligi tükenikli hem-de tertipleşdirilen bolmaly.

Massiwiň her bir elementine ayratyn indeks degişli edilýär we oňa şol indeks boýunça ýüzlendip bolýar.

Massiw ARRAY kömekçi sözi arkaly yglan edilýär. Her bir setir üýtgeýän ululyga elementleri CHAR tipden bolan massiw hökmünde seretmek mümkin.

Köplük diýlende bir bitewi zat hökmünde seredip bolýan şol bir häsiýet, nyşanlar boýunça ýygnalan obýektleriň toplumyna düşünilýär. OBJECT-PASCAL algoritmik dilinde köplüge matematikada ulanylýan köplüge seredeňde has dar manyda düşünilýär. Mysal üçin, OBJECT-PASCAL-da köplügiň elementi hökmünde REAL tipe degişli bolan bahalary ulanyp bolmaýar; köplügiň elementleriniň sany 256-dan geçmeli däl; we ş.m. Köplükler TYPE bölüminde SET kömekçi sözi arkaly yglan edilýär.

Kombinirlenen tip - bu dürli tiplerden bolan üýtgeýän ululyklaryň toplumydyr.

Bu tipi yglan etmek RECORD(ýazgy) kömekçi sözi bilen başlanýar we END sözi bilen hem gutarýar. Kombinirlenen tip yglan edilende onuň her bir komponentiniň
ady we tipi görkezilýär.

Faýl - bu şol bir tipden bolan komponentleriň toplumydyr. Faýl massiwden tapawutlanyp, onuň komponentleriniň sany öňünden görkezilmeýär. OBJECT-PASCAL-da köplenç faýlyň komponenti hökmünde kombinirlenen tipli bahalar ulanylýar. Faýl FILE kömekçi sözüň kömegi bilen yglan edilýär. Adatça faýlyň komponentleri magnit disklerinde saklanylýar we gerek wagty ondan operatiw ýada çagyrylýar.

16-lyk hasaplaýyş ulgamyndaky sany 2-lik ulgamyna geçirýän programma

```
uses crt;
label 1;
var
  fi,fo : text;
```

```
  c : char;
begin
clrscr;
      assign(fi,'texthex.txt'); reset(fi);
      assign(fo,'textbin.txt'); rewrite(fo);
      while not eof(fi) do
       begin(*1*)
           read(fi,c);
{            if (c=' ') then goto 1;}
             if (c=' ') then writeln(fo);
           case c of
             '0': write(fo,'0000');
             '1': write(fo,'0001');
             '2': write(fo,'0010');
             '3': write(fo,'0011');
             '4': write(fo,'0100');
             '5': write(fo,'0101');
             '6': write(fo,'0110');
             '7': write(fo,'0111');
             '8': write(fo,'1000');
             '9': write(fo,'1001');
             'A': write(fo,'1010');
             'B': write(fo,'1011');
             'C': write(fo,'1100');
             'D': write(fo,'1101');
             'E': write(fo,'1110');
             'F': write(fo,'1111');
           end;
 1:
       end;(*1*)
    close(fi); close(fo);
end.
```

16-lyk hasaplaýyş ulgamyna geçirýän programma

```
uses crt;
const mas : array[0..15] of char=
     ('0','1','2','3','4','5','6','7','8','9','A','B','C','D','E','F');
label 0,1,2,3;
var
  a : array[0..15] of byte;
  n   : longint;
  m,i,j : integer;
  ch : char;
  b : byte;
  f : text;
BEGIN
clrscr;
      assign(f,'texthex.txt'); append(f); writeln(f);
0:    ch:=readkey; write(ch);
      b:=ord(ch);
      if b=13 then begin writeln; writeln(f); goto 0; end;
      if b<=31 then goto 3;
      n:=b;
      if n<=15 then begin write(mas[n]); goto 2; end;
      i:=0;
1:    i:=i+1;
      a[i]:=n mod 16;
      m:=n div 16;
      if m>=16 then begin n:=m; goto 1; end;
      i:=i+1; a[i]:=m;
   for j:=i downto 1 do write(f,mas[a[j]]);
2:
{    write(f,' ');}
   goto 0;
3:
   close(f);
END.
```

Geçiş operatorlary

Eger-de algoritmde käbir şertiň ýerine ýetýändigine ýa-da ýetmeýändigine baglylykda hasaplaýyş prosesi iki ýa-da birnäçe şaha bölünýän bolsa, onda onyň ýaly algoritmlere şahalanýan gurluşly aigoritmler diýilýär.

Programmanyň içinde geçiş operatorlary esasan şahalanýan gurluşy algoritmleri programmirlemek üçin hyzmat edýärler. Başgaça aýdylanda, geçiş operatorlary programmadaky operatorlaryň ýerine ýetiriliş tertibini dolandyrmak üçin hyzmat edýärler.

TURBO-PASCAL algoritmik dilinde geçiş operatorlarynyň iki görnüşi ulanylýar :

1) şertsiz geçiş operatory;
2) şertli geçiş operatory;

Şertsiz geçiş operatory programmanyň bir böleginden beýleki bölegine birnäçe operatordan sowulyp geçmäge mümkinçilik berýär. Ol umumy ýagdaýda aşakdaky görnüşde ýazylýar:

GOTO <belgi>

Bu ýerde GOTO-operatoryň ady bolup , “geçmek’’ diýen manyny aňladýar; <belgi>-salgylanylýan operatoryň belgisi, ol LABEL bölüminde yglan edilýän bolmaly. Meselem:

```
…….
LABEL 20;
…...GOTO 20;
…….
20:  X:=X+1;
…….
```

Sertli geçiş operatory özünde käbir logiki aňlatmany saklap, onuň “TRUE” ýa-da “FALSE” bahalaryň haýsysyny kabul edýändigine baglylykda iki şahadan birini saýlap almaga mümkinçilik berýär.

TURBO – PASCAL algoritmik dilinde şertli geçiş operatory aşakdaky görnüşde ýazylýar:

a) IF < şert > THEN S1 ELSE S2;
b) IF < şert > THEN S;

Bu ýer-de IF – operatoryň ady bolup “eger” diýen manyny aňladýar; < şert > - käbir logiki aňlatma; S1, S2, S – TURBO-PASCAL algoritmik diliniň islendik operatorlary.

Bu operatorlar ýerine ýetirilende ilki bilen <şert>-logiki aňlatmanyň bahasy hasaplanylýar. Eger logiki aňlatma “TRUE” baha eýe bolsa, onda a)-ýagdaýda S1-operator; b)-ýagdaýda bolsa S1-operator ýerine ýetirilýär. Onda sňra IF operatoryň yz ýanyndaky ilkinji operatora geçilýär. Eger-de logiki aňlatma “FALSE” baha eýe bolsa, onda a)-ýagdaýda S2-operator ýerine ýetirilýär we ondan soňra If operatorynyň yzyndaky ilkinji operatora geçilýär; b)-ýagdaýda bolsa, hiç-hili operator ýerine ýetirilmezden, gönüden-göni IF operatorynyň yzyndaky ilkinji operatora geçilýär. TURBO-PASCAL algoritmik dilinde bir If operatorynyň düzüminde başga-da IF operatorynyň ulanylmagyna rugsat edilýär. Bu şahalanmanyň içinde ýene-de şahalanma ulanylyan ýagdaýynda ýüze çykýar. Meselem

```
. . .
IF X<15 THEN IF X>10 THEN WRITELN (‘ 10<X<15’)
                ELSE WRITELN (‘X<=10’)
```

IF operatoryny biri-biriniň içinde ulanmaklyk programma düşünmekligi kynlaşdyrýar. Şoňa görä-de IF operatoryny bir-biriniň içinde iki-üç gezekden köp ulanmak maslahat berilmeýär.

Mysallar.

1. Funksiýanyň bahasyny hasaplamak üçin programma düzmelili:

a) $Y = \begin{cases} \sqrt{X} \; egerX \geq 0 \\ X^3 \; egerX \prec 0 \end{cases}$

Programmasy:

```
Program funksiya;
Uses crt;
```

```
Var x,y:real;
Begin
Clrscr;
Write('x=');
Readln(x);
If x>=0 then y:=sqrt(x)
Else y:=sqr(x)*x;
Writeln('y=',y:8:3);
End.
```

b) $S=\begin{cases} at+b, & \text{eger } at<1; \\ \cos(at), & \text{eger } at=1; \\ e^{-at}\cos(at), & \text{eger } at>1; \end{cases}$

Programmasy:

```
Program funk1;
Uses crt;
Var a,b,t,s:real;
BEGIN
Clrscr;
Write('a,b,t bahasyny giriz');
Readln(a,b,t);
IF A*T<1 then S:=A*T+B
Elseif  A*T=1 then S:=cos(A*T)
Else S:=exp(-A*T)*cos(A*T);
Writeln('S=',S:8:3);
End.
```

Bellik:

Birnaçe IF operatory biri-biriniň içinde ulanylanda her bir ELSE kömekçi sözi özüniň öň yanyndaky THEN kömekçi sözüne degişli edilyär.

2) Kwadrat deňlemäniň hakyky köklerini tapmak üçin programma düzmelili:

$AX^2+BX+C=0;\ A=0.$

Programmasy ;

```
PROGRAM KWADRATD;
Uses CRT;
Var A,B,C,D,X1,X2 : real;
BEGIN
CLRSCR;
Write('A,B,C bahasyny giriz');
Readln(A,B,C);
D:=SQR(B)-4*A*C;
IF D<0 then begin Writeln('hakyky köki yok'); END
ELSE begin
X1:=(-B+SQRT(D))/(2*A);
X2:=(-B-SQRT(D))/(2*A);
Writeln('X1=',X1,'X2=',X2);
end;
END.
```

2-niň n-nji derejesini hasaplamak üçin programma; bu ýerde n ululyk 1<=n<=1000 aralykdaky bahany kabul edip bilýär:

```
(*2-nin 1000-njiderejesi
     11.10.2005(2)                *)
uses crt;
var
  x : array[1..1000] of 0..9;
  i,j,k,p,xb,b,n : integer;
begin
clrscr;
      write('n='); read(n);
      x[1000]:=1; xb:=1000;
      for k:=1 to n do
       begin
           p:=0;
